# Hytyrlygam batyrlykdyr ýerinde / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hytyrlygam batyrlykdyr ýerinde / satiriki hekaýa

HYTYRLYGAM BATYRLYKDYR ÝERINDE

Wiý, ýogsa-da, siz ýazyjy üçin iň uly gargyşyň nämedigini bilýäňizmi? Bilmeseňiz eşidip goýuň.
– Ylahym ýazan kitabyň geçmäbilseýdir!
Bolany şo. Onsoň oňa ýagyň etmezini etdigiň. Ynha, özümem şeýle gargyş siňenleň biri. "Kitabyň geçmeýän bolsa, sen biziň gapymyzdan ätleme" diýip neşirýatçylaram döşüňden itekleşip durlar. Baran ýeriňde şony alnyňa sapa edýärler.
Çykalgasyz zadyň bolmaýanyny bilýän. Kellämi döwüp köp oturdym. Ahyry bir ugurtapyjy, dilewar dostumyň bardygy ýadyma düşdi. Bardym Annamyradyň üstüne. Özümiň nämeden ejir çekýändigimi aýtdym.
– Aý, bar aladaň şol bolsa o hiç-le. Gaýgysyny etme. Men-ä täze ýazan bir zadyňy okap bermek üçin geldiňmikäň öýdüp, ýüregim ýaryldy – diýip, ol bälçiredi.
Maslahaty mazaly çugdamlap, şäheriň etegindäki obalaryň birine bardyk. Sen-men ýok, ilki iýmit magazinine girdik. Dostum ony-muny görüşdiren boldy-da, göni satyjynyň ýanyna bardy. Gadyrly salamlaşdy.
– Inim, sizde kitap satylanokmy? – diýip, ol mönsürän boldy.
Satyjy Annamyradyň bu soragyna kän bir ünsem berip durmady. Kimdir birine bir zat berjek bolup durka, ýüz ugruna jogap berdi.
– Elli mitir iler ýüzmüzde ýörite kitap magazini bar…
Dostumyň geçirjek bolýan operasiýasy eýýäm başlanypdy. Ol sesini ýuwaşadyp gürledi.
– O magaziniň hojaýyny kim-kä, tanaňyzokmy?
– Tanaýan. Annaberdi kniga. Ýaşuly adamdyr. Nämetjek ony?

Şol ikiarada ýuwulmadyk çemçe ýaly sokjarlyp, birki sany oglan geldi. Çilim soradylar. Dostuma geregem şol eken. Ol satyjyny bir gyraraga çagyrdy-da, şol duranlara eşitdiribräk gürledi.
– Kyn görme-de, inim, bilip berse-ne. Şo magazinde ýazyjy Geldi Girdenekowyň "Aýlanaýyn könäm senden" diýen romany barmyka?
– Doly. Geregiňiz şo kitap bolsa, oňa tanyş nämä gerek, baryberiň.
Dostumyň guşy uçdy, ýeserje gözlerini oýnakladyp, aýgytly hüjüme geçdi.
– Hüş-ş, eşitdiräýme. Hökümet o kitaby yzyna ýygnap ýör. Romanda uly syýasy ýalňyşlyk goýberilipdir. Awtorynam tutupdyrlar.
Atylan ok nyşana göni baryp degdi. Gulaklaryny lokatar ýaly edişip ho beýleräkde gürrüň diňleşip duran oglanlar çilimdenem ellibizar bolup, çykyp gitdiler. Megerem, ol ikisi çeňňege ilen bolsa gerek.
Ýaňky satyjy halys ýalbaryp duramyzsoň, ýerine beýleki bölümden birini goýdy-da, bizi yzyna tirkäp Annaberdi knigaň ýanyna äkitdi. Dükana ýetip barýarka hälki oglanlar öňümizden çykdy. Hersiniň goltugynda meniň romanymdan bäş-alty sanysy bardy.
Annaberdi aga bizi kabinetinde kabul etdi. Haýyşymyzy diňläp satyjysyny çagyrdy.
– Şo Girdenekowyň romanyndan şu oglanlaryň hersine birjigini getirip ber.
Satyjyň gözi hanasyndan çykaýjak boldy.
– O kitaby mundan öň alýanam ýokdy welin, şun bir zad-a boldy şoňa. Ýaňam birki sany oglan gelip hersi bir goltuk alyp gitdi – diýip, ol bir bize, birem başlygyna seretdi.
Dostum guran hilesiniň ýerine düşendigine begenip ýaşulyny ýagdaý bilen tanyşdyrdy. Annaberdi kniga towsup ýerinden turdy. Satyjysyna görkezme berdi.
– Şo kitaby menden ygtyýarsyz bir adama beräýmegin. Yzyna ýygnamankalar ýerläli, heý, bir bäş şaýy edinip bolmazmyka?!.
Biz Annaberdi aga müň kerem minnetdarlyk bildirip çykyp gaýtdyk.

Şu wakadan soñ bäş-alty günläp öýden çykmadym. "Gep-gürrüñ, gybat mazaly tutaşsyn" diýdim.
Bir gün ýüzümi garañka tutup, dostumyñ ýanyna ugradym. Münen maşynymyñ şofýory radiopriýomniginiñ başyna oýun baryny getirdi. Men onuñ taryna kakyp gördüm.
— Näme, halypa, gulagyñ posuny açjak bolýañmy? Gowja aýdym-saz gözleýäñmi?
Şofýor kim bilen gürleşjegini bilmän gelýär eken. Elini priýomnigiñ nurbatyndan aýyrdy-da:
— Sen, näme, inim dünýeden bihabarmy? — diýip, maña seretdi. Men bilmediksirän boldum.
— Deputatlañ gurultaýynyñ gürrüñini edýäñmi? Olar nähili-aý, walla, uly adama meñzeş däl. Biri-biriniñ üstüne dyzaşyp durlar.
Gürrüñdeşim maña tarap egildi. Näme üçindir ol birhili howatyrly gürledi.
— Wah, gurultaýdakylaryñ özleri oñşar-la. Eşitmediñmi, biziñ ýazyjylarymyzyñ birini ýygnapdyrlar, üýtgeşik bir zat ýazanmyş. Şo Girdenekow diýilýäniñ kitabyny häzir elli manatdan bukup satýarlar. O ýazyjy hakda daşary ýurt radiolarynyñ bir-ä gepleşigem berenmiş. Priýomnikden şony diñlejek bolýan şuwat. Şo ýazyjyñ kitaby basym Amerikada hem çykýa diýýäler. Baý, şolaram ýetişikli-aý, içimizdäki zady öñürti bilýäler…
Şäherdäki bolýan wakalary eşitjek bolsañ taksyçylaryñ ýanyna münäýmeli diýilýäni çyn eken.
— Aý, agam, näme buwat sähel güýçlüräk bolsañ synyñdan aslyşýan köp-dä. Girdenekow diýilýäni men gowy tanaýan, zor ýazyjy — diýip, men şofýor bilen hasaplaşyp düşüp galdym.
Barsam dostum öýünde eken. Men onuñ bilen gujaklaşyp salamlaşdym. Ony öñümizdäki ýekşenbe güni çebiş iýmäge çagyrdym.
Gapydaky ekinimiziñ içinde sowujak piwo bilen çişligi ýelmäp otyrkak, sümsünip ýaş ýazyjylaryñ biri geldi.
— Geldi Girdenekowiç, sag-aman sypdyñyzmy, gözüñiz aýdyñ — diýip, ol elimi gysdy.
Biz üç bolup dostlugyñ hatyrasy üçin, onuñ mundan beýläk-de

berkemegi üçin elimizdäki badany ýokary göterdik.
Dostum Annamyrat maňa gözüni gypdy-da:
– Hytyrlygam batyrlykdyr ýerinde,
Ony başarmaga kişi gerekdir – diýip, hiňlenjiredi.

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy.

Satiriki hekaýalar